Hudaýberdi HALLY

# E R K I N L I K   G A L A S Y

Hekaýa

**Eý, Huda-ýa, toba kyldym, bu ne apatdan nyşan,**

**El-aman, heý, el-aman, sakla belalardan aman,**

**Arşy-kürsi, lowh-galam, asman-zemin eýlär pygan,**

**Bu musulman nalyşyga ýer ýüzün aldy duman,**

**Arasat gopdy bu gün, mühminlere ahyrzaman.**

*M i s g i n g y l y ç.*

**Геок-Тепе взят, текинцы разбиты и хотя еще вполне не усмирены,**

**но наша победа несомненна.**

(“**Gökdepe alyndy, tekeler derbi-dagyn edildi,**

**entek ählisi boýun egmedigem bolsa, biziň ýeňşimiz şübhesizdir**.”)

Ф. М. Достоевский, rus ýazyjysy

Köpetdagyň guzaýyndaky ilatyň esasy berkitmesi bolan Gökdepe galasynyň goragy soňky günlerde gazaply ýagdaýa geçdi. Rus goşuny galany berk gabawa alyp, içde galan milleti uly dünýäden bölüpdi, gündiziň ýagtylygynda gala girmegem, galadan çykmagam mümkin däldi. Galadaky mergenler hem gujurly ýigitler topar-topar bolup, ýowuz duşmana garşy söweşe girýärdiler, edenli aýallar olara kömek berýärmiş diýen gürrüňem bardy. Galanyň içinde rahatlyk ýokdy, häli onda, häli munda ýokardan düşen top oklary ýarylýardy, okuň düşen ýerinde kyýamat gopup, şol ýer garalyp durdy. Adamlaryň depesinden otly gurşun şuwlaýardy, rehimsiz ajal görnüp gelýärdi, çawýan okdan ölýänem az däldi. Çagalary galanyň ortasyna goýbermezlige çalyşýardylar, ýöne olary ok çöplemäge, gurşun böleklerini toplamaga iberýärdiler. Ölmän ýörenleriňem ajaly örän golaýda bolansoň, öli bilen diriniň parhy azalyp, murda zindä çaknyşýardy.

Gala giňdi, ol bir uly şowhun-şagalaňly şäher bolmaly ýerdi, ýöne içinde entek daş tamy ýa köşgi bolmansoň, başly-barat saraýa meňzeýärdi, irkiräk gelenler, belki-de, aslynda şu ýerde oturymly bolanlar gara öýlerde ýaşaýardylar, beýleki köplük dölede mydar edýärdi. Dar işik goýup, dörtburç edilip gazylan döläniň üsti arça agajy hem ýylgyn bilen basyrylandy, üstünden top oky düşäýmese, ol dölelere kär edip

biljek zat ýokdy. Iki ogly bilen bu gala soňrak gelen dul aýala tüm gazyp berdiler. Bularyň ýany bilen getiren el goşy, düşekçeleri hem üç kişi şol tümde gijesini geçirýärdiler. Döle tüme garanda, giňişlikdi hem aşagyňa düşek ýazynyp, ine-gana gyşarmaga mümkinçilik boljakdy, olaryň güzeranyna Taganyň gözi gidýärdi.

Tagan dagy gelenlerinde, galanyň içi milletden myg berýärdi, olar Gökdepe galasyndan has uzakda, dagdan gaýdýan haýsydyr bir çaýyň ýakasynda oturan obadan bu ýere gelipdiler. Ýaz aýaklap, tomus başlanan döwürleri häzirki duşman olaryň obasyna ýetde, şol ýerlerda agyr söweş boldy. Adatça edilişi ýaly, olar daga ýa-da çöle çekilip biljekdiler, ýöne bugdaý ýetişipdi, irkiräk ýetişen arpa oragyny tamamlapdylar, bugdaýy ormakdan irdi. Ruslar Etekdäki obalary ýeke-ýeke tozduryp, ekini oda berýärdi, ýerli ilat her nädip bolsa-da, hasyly goramaly diýen karara geldi. Sebäbi orslar bugdaýy höwes bilen otlajakdy, bugdaýa ot bermek bilen mallary öldürmek Aýrysakgalyň iň halaýan pişesi diýýärdiler. Duşmany saklamaly, iň bolmanda, orak geçýänçä, onuň öňüne böwet bolmaly diýip söweşe çykdylar. Şol söweşleriň birinde Taganyň kakasy gurban boldy.

Hiç bir güýç, hiç bir batyrlyk duşmany saklap bilmedi, olaryň sany aşa köplük, ýaraglary-da gurat bolansoň, söweş deň däldi, otly gülle atdanam, adamdanam çalasyn bolansoň, gaça uruşmaga-da, gaçyp gurulmaga-da ýer ýokdy. Orslar gelýärdiler, olaryň yzynda ok-ýaragyny üpjün edýän kerweni hem ýaraly bolanlara hyzmat ediji toparlary süýşýärdi. Olar bu gezeki söweşde aşa taýýarlyklydy, olaryň garşysyna çykýanlar – eli ýarag tutýan adamlar bolsa azalýardy. Kesearkaja bütin il Gökdepe galasyna göçmeli diýen habar ýaýrady.

Edil geçen ýyldaky ýaly, hanlar hem serdarlar milleti bir ýere, iň uly gala ýygnamagyň zerurdygyny, şol ýerde jemlenip goranyp boljakdygyny aýdypdyrlar. Orslaryň goşuny mundan bir ýarym ýyl öň şeýle gazap bilen gelenlerinde, tekeler olara garşy gaça uruş alyp bardylar, bukuda ýatyp, duýdansyz çozuş edýärdiler, soňra guma ýa-da çöle gaçýardylar. Ruslar bolsa kä durup, kä ilerläp, dyngysyz öňe sürüp, günorta barýardy. Gaçha-kowgaly uruş ahyrynda ruslary-da, türkmenleri-de Gökdepe galasyna ýetirdi. Ahal tekeleri galada berk goranyşy döretdiler, şol wagtda-da orslara garşy ýowuz garşylyk görkezdiler. Gökdepäniň töwereklerinde ençeme gezek bölekleýin çaknyşyklar boldy. Duşman Gökdepe galasyny alyp bilmän, ahyrynda ok-därisi gutaryp, yza çekilmäge mejbur boldy. Galanyň ilaty muny baýram etdip, duşmanyň yza çekilen ugruna seredip, at çapyşygyny gurnadylar. Indi serdarlar milleti ýaňadan gala ýygnamak bilen şeýleräk ýeňşe umyt edýärler diýen gürrüň bardy.

Iki çagasy bilen ýeke galan ene başynyň goragy üçin, şu galadan başga pena tapmady, sebäbi bu gezekde gelen orslar erkek göbeklini öldürýärmiş, olar aşa ýowuzmyş diýen gürrüň bardy, ene adamsynyň ölüminden hem ak ekiniň otlanmagyndan, mallaryň gyrylmagyndan çen tutup, şeýle ýowuzlygyň boljagyna ynandy. Ol ogullaryny gaýgy etdi, olaryň başyny gutarmak üçin, nirä gitmäli bolsa kaýyldy, ýol ony özi ýalylar bilen birlikde şu galanyň penasyna getirdi.

Galada dowam edýän goh-galmagaldan baş çykarmak mümkin däldi, Kesearkajyň dürli ýerinden jemlenen ilatyň takdyry birleşipdi. At, öý ýa haly-düşek eýeli bolaýmasa, galany ortalykdy, birinde bar gallany ortalyk bolup iýýärdiler, biriniň bişiren nanyny bölüşip paýlaşýardylar, diňe agşamlaryna her kimiň bir belliräk sümelgesi bardy. Ortarakda bir böwşeň ýerden olar üçinem tüm gazdylar. Ýa gyşyň sowugydan, ýa asyl bolşy şeýle; ýer aşa gatydy, doň ýere kerki urup, bir bölejik kesegi goparýardylar. Iki kişi gezekleşip işleýärdi, olar doňaklygy ýaryp, ahyry ýumşak gatlaga ýetdiler. Soň pil işe girip, birneme ýer çuňalyp başlandy. Olaryň biri ýaşdy, ol geplemeýärdi, beýlekisi, çal sakgal Seýdek aga diýilýäni aldygyna gürleýärdi.

– Ine, ýene gowaga girmeli, adam owalda gowakdan çykypdyr diýýäler, ýene yzymyza dolanýas. Biz ýowuz duşmana duşduk, bular bizi ýok etmän goýjak däl – diýip, Seýdek aga her pil gum atanda jibrinýärdi. – Indi ýüwrük atyňdan haýyr ýok, kesgir gylyjyňam işlemez. Indi ot işleýär, otly gülle seni hiç bir gözýetimden sypdyrmaýar. Ajaly otly gülle bilen ýollansoňlar, ondan diňe ýere girip gutulmak mümkin. Orsuň özüni gör, olaram garym gazýalar, garymyň içinde iki ýana hereket edýäler. Otly gülle

bizi ýere sokdy. – Ýere uran piline ýaplanyp, demini dürsän Seýdek aga ýaňadan gürläp başlady. – Bu gelenler şindi görülmedik ýagy, olaryň niýeti talaňçylyk ýa adamlary gul-gyrnak edip sürmek däl, şu milleti ýok etmek. Aýrysakal Kokantda-da, Hywada-da gan baryny döküpdir diýýäler, indi boýun egmezek tekeleriň ganyny dökjekmiş.

Iş gutaransoň, Seýdek aga bir aladadan dynan ýaly uludan dem aldy.

– Ine, gelin, siz-ä öýli-jaýly bolduňyz, menem goňşuly. Üsti ýylgyn bilen örtülen alnyňyzdaky döle biziňkidir – diýdi.

Oglanlaryň bu ‘bu öý-jaýa’ giresi gelmedi, olar tümde ýaşamak islemeýärdi, emma başga alaç ýokdy, ýokary howpludy.

– Biz haçana çenli bu tümde ýaşarys? – diýip, Taganyň jigisi ejesiniň syýyndan aslyşyp soraýardy.

– Duşman gidýänçä.

– Olar gitmese näderis?

– Onda munuň içinde galmaly bolarys.

Gazaply gyrgynçylyk gije-gündiz dynuwsyz dowam edýärdi. Bu galada nobatçylyk çekýänler hut şu ýerde gara başyndanam zyýadrak, örän möhüm, gymmatly hem berk bir zady – kesekä bermesiz, duşmana aldyrmasyz zady goraýardylar, ol goralýan zadyň nämediginden çagalar habarsyzdy. Bu düşnüksizlik Tagana ynjalyk bermedi. Taganyň agyr hem bulaşyk sowalyna ene sada söz bilen jogap gaýtardy.

– Olar bizi goraýarlar.

Ýöne şol goralýanlar ölýärler ahyryn. Her günde ençemesi ölüp dursa, bu nähili gorag bolar?

– Biz çöle ýa daga gaçsak, özümiz goranyp bilerdik ahyryn?

– Onda biz bulardan bolmazdyk.

– Biz şular bilen bolmak üçin bu ýere geldikmi?

– Hawa, balam, şulara goşulmak, olaryň biri ýaly bolmak üçin geldik. Biziň serdarymyz „ýeňsek – şöhratly bolarys; ýeňilsek – erkinligiň gadyryny bilip, Watanymyza eýe çykmaga çalşarys” diýipdir. „Çöle gaçyp ýa daga bukulyp, duşmandan gutulyp bolmaz” diýipdir. Şonuň üçin biz bularyň ýanyna geldik.

Tagan enäniň ýüzündäki agyr tukatlygy görüp, başga sowal berip bilmedi, Nähilem bolsa ol goralýan zat adamdan gymmadrakdyr diýip çaklady.

Belki-de, milletden aýrylmak ölümden erbetdir, ýogsa adamy goramak üçin adam ölmezdi. Bu, elbetde, oglanyň hyýaly, ulular bolsa başgarak oýlanýan bolmaly, olar şol mukaddesligi indi näçe wagtlap jemlenip goraýarlar.

Tümüň gapdalynda bir at daňylgy durdy, oglanlar ol atdan gözüni aýryp bilmeýärdiler. At hem oglanlary halaýan bolarly, käte nemli gözlerini balkyldadyp, oglanlara tarap owsun atýardy. Tagan şu ata atlanyp, jigisi bilen ejesini hem ardyna alyp, bu bela-beterlikden saýlanyp, üm–düzüne, şol beýik daglara tarap tutdurasy gelýärdi, ýöne millet azatlyk diýip, daga ýa çöle gaçman, hut şu daşy gowgaly galanyň içinde gabalyp otyrdy.

Soňky günlerde galadakylaryň ýagdaýy agyrlaşdy, olaryň hüjümi başa barmaýardy, her gezekde ýowuz ýagy olary yza serpikmäge mejbur edýärdi. Bolsa–da, gala ajalyň öňünde pena bolup, ýaragsyz biçäreleri: garrylary, aýallary, çagalary hem çaga kibi çar tarapa urunýan atlary duşmanyň okundan gorap durdy. Gala Hywadan ussa getirilip, olaryň biçüwi esasynda, ussalaryň görkezmesi ýaly gurlupdy. Näçe diýseň eýi ýetirilip palçykdan diklenen gala top okuna-da döz gelýärdi. Galanyň üstünde hem derwezäniň arkasynda mergenler bardy, olar galanyň diregidi, ok ýetim töwerege duşmany goýbermeýärdi. Olar bolsa top okuny içerä düşer ýaly edip, galadan üstaşyr atýardylar. Ýokarda Alla, töwerekde batyrlar durmasa, aýak astyndaky bu gaty toprak bosgunlary saklap bilmejekdi. Toplar gazaba münende aýal-ebtaty, oglan-uşagy ajaldan goraýan şu palçyk gala hem ýerden gazylan tümlerdi.

Bir gün olar ýagtylyga çykanlarynda, tümüň agzyndaky at görünmedi.

– Hany at? – diýip, Arslan agasyndan sorady.

– At ýok… – Tagan başga näme diýjegini bilmedi.

Olar äm-säm bolup durkalar, bular üçin tüm gazan Seýdek agany gördüler.

– Seýdek aga, bu ýerdäki at ýok-la? – diýip, Tagan oňa ýüzlendi.

Seýdek aganyň jogaby gysga boldy.

– Düýn onuň eýesi öldi.

– Atyny näme etdiler?

– Atyny gije galadan çykaryp kowup goýberdiler.

Bu çagalar üçin gaty geň eşidildi. “Eýsem biri ölse, onuň yzyndakylary galadan çykaryp kowýarmykalar?..”

– Näme üçin aty kowdular? – diýip, Tagan bilesigeljiligine erk edip bilmedi.

– Ýow güni at gazygynda daňylgy dursa, erbetlik saýylýar. Ol erkinlige gitsin diýdiler.

Töwerekde howsala ýeterlikdi, atlaram, adamlaram azalyp barýardy. Ölmek bagtdy; bu elhençligi görmezlik, çagalaryň ahy-nalasyny eşitmezlikdi. Maşgalasy, çagasy bu galada galan adamlar şony-da saýlaýarlar, ölmek öz borjuňy bitirip, maşgalaň alnynda rahat tapmakdy. Şondan olar ölümi saýlap, gije duşman düşelgesine gidip, başa-baş söweşýärdiler, olary gijäniň garaňkylygy goraýardy.

Gijelikdi ýa-da giç agşam, garaňkyda wagtyň haçandygyny saýgarmak kyndy, olaryň ejesi ýygnanyp başlady. Köýnegini balagynyň içine saldy, biline guşak orandy, başyndaky börügini aýryp, ornuna ýaglyk daňyndy.

Ýyldyz ýagtysyna ejesiniň hereketini synlaýan Tagan:

– Eje, sen-ä indi kakama meňzeýäň – diýdi.

Ene oglunyň kinaýasyny çynlakaý kabul etdi.

– Hawa, balam, biz indi kakaňa meňzemesek, ýagdaý ýaramaz.

Tagan hem şol äheňde sowal berdi.

– Kakama meňzäp, söweşe gitjek bolýaňmy?

– Hawa, oglum, söweşe gitjek. Oturanymyzdan netije ýok, bagty synap göreli.

Oglundan başga bir sowal bolmady. Iki dogan geň galyp, enä seredýärdiler. Ene indi syrdamlaşdy, hakykatdanam başy ýaglyk bilen boglan erkek adama meňzedi. Oglanlary onuň ýowuz duşmana garşy nädip söweşjegini bilmeýärdiler, olaryň ýanynda tüpeň ýa gylyç – hiç bir ýarag ýokdy, ol bolsa ýarag aljagam bolman, ogullarynyň maňlaýyndan ogşap, garaňkylyga siňip gitdi. Ogullary onuň günorta derwezä tarap gidendigini aňdylar, sebäbi şol derwezeden duşmana garşy çykmak ýakyndy; duşman günortada, açyk sähralykda ýerleşipdi.

Oglanlar irkildiler, bu ukumy ýa-da ýöne bir irkilme, belli däl, bolsa-da wagt geçipdir. Säherdäki sowuk olaryň süňňüne ornap başlanynda, oýanmaly, has takygy, gözüni açmaly boldular. Şonda gapdallarynda ejeleriniň ýatandygyny görüp, Tagan ýeňil dem aldy, onuň gözi ýyldyrady. Taganyň ejesini gujaklap ogşaýasy geldi, ýöne onuň rahatlygyna dözmedi. Ol sowuk aýaklaryny owkalap, çugdamlanyp oturyşyna ejesini içgin synlap başlady, onuň diridigine ýa ölüdigine göz ýetirip bilmedi.

Ýagtylykda, gün ýokary galanda, ejesine ýene ýiti-ýiti seredip, onuň ýaraly däldigine göz ýetirdi.

– Söweş nähili boldy, eje?

– Ýaman bolmady, gidenimize degdi.

– Sen duşmana garşy söweşdiňmi? – diýip, kiçijik Arslan jedirdedi.

– Men söweşmedim, söweşýänlere kömekçi boldum. Duşmana garşy erkek adamlar söweşýärler, olar öňden gidýärler, biz – aýallar, olaryň yzynda bolýas. Olar garawulda duran esgerleri güpbasdy edýärler. Biziň borjumyz – olar bir zat alyp bilseler, derrew ony gala alyp gaýdýas.

– Siz köplükmi?

– Bar dört-bäş aýal. Her iki-üç söweşijiniň yzyna bir aýal tirkelýä. Biziň elimize bir zat düşdügi – derrew gala çekilmeli. Men iki tüpeň alyp geldim – Ene bitiren işinden buýsanýardy.

– Bä!.. – diýip, Tagan agzyny açdy. – Zor iş edipsiňiz.

– Ol bir adaty zat, galada kimiň elinde ýarag bolsa, ol orslardan alnan bolmaly. Biziňkiler öň iki topy, olaryň bir baýdagyny-da almagy başarypdyr.

– Ol tüpeňleri indi atyp bolarmy? – diýip, Arslan ýene ejesiniň getiren oljasy bilen gyzyklandy.

– Içinde oky bolsa atyp bilerler. Iň bolmanda, ol tüpeňler indi bize garşy-ha ok atmaz.

Aradan bir gün geçirip, olaryň ejesi ýene bilini guşap ugrady. Ol öňküsi ýaly syrdamlaşdy hem erkek adama meňzäp, garaňkylyga siňip gitdi.

Ir ertir Tagan gözüni açanynda, örän ýadaw halda süýnüp ýatan ejesini gördi. Bu gezek onuň gürlemäge-de, gijeki söweşiň nähili bolandygyny aýtmaga-da mejaly ýetmedi.

– Duşman biziň baranymyzy bilip, oka tutdular. Gülle edil otly ýagyna öwrüldi, asyl başymyzy gymyldamaga maý bermediler – diýip, ene başga biri eşidäýmesin diýen äheňde örän ýuwaş gürledi. – Başymyzy gutarsak kaýyl bolduk. Meniň öňümden barýan ýigit ýaralandy. Böwşeňlik aralaşanda, men ony süýräp, gala gaýtdym...

Lapykeçlige garamazdan, olar ýene gijeki hüjüme taýýarlanýardylar, galanyň içindäkiler üçin başga bir çykalga-da ýokdy, olar diňe gijäniň garaňkysyna bil baglap biljekdiler. Bu gidişlikde olar wagty bilen yzyna dolanmady, bir agyrlygy duýan ýaly, Tagan oýaly-ukuly halda, ejesine köp garaşdy. Ahyry jahan ýagtyldy, daň atyp, gün dogdy, göreşe giden adamdan entegem derek ýokdy, muny ol kimden sorajagyny, ejesini nireden indejegini-de bilmeýärdi. Gün ýokary galanda, olaryň ejelerini çuwalyň üstünde ýatyryp, dört kişi bolup göterip getirdiler-de, çagalarynyň ýanynda goýdular. Ol uýlugyndan ýaralanypdyr.

Günortana ýakyn olaryň goňşusy Seýdek aga geldi. Ol ýaralynyň daşyndan aýlanyp, ahyrynda başujunda başyny egip durdy-da, birzatlar soramak isleýän ýaly, ýaýdançly ýuwdundy, ýöne hiç zat aýdyp bilmedi, ahyrynda gelşi ýaly, ýene ümsüm çykyp gitdi. Aradan ep-esli wagt geçirip, Gerek tebip diýilýän aýaly alyp geldi.

Tebip ýaraly bilen ikiçäk galanda, Taganyň kömegi bilen onuň üstki eşiklerini aýyrdy, ýaranyň üstüni açdy. Bir gan yzy bolaýmasa, ol ýerde bildirýän zat ýokdy. Tebip eli bilen ýaranyň töwerek-daşyny sypalaşdyrdy, onuň tenine barmagyny dürtüp, çiş bar-ýoguny anyklady. Ýaranyň üstüni örtüp, başyny aşak salyp oturyşyna susluk bilen dillendi.

– Ok uýlukda galypdyr, ol artyp galmyşy çykarmak gerek...

Tebibiň daşky sypaty, bu samrap oturyşy ýaralynyň teninden ok çykarjaga meňzemeýärdi, aslynda onuň bir işler etmek üçin pikir edýäni-de, ýöne irkilip oturany-da belli däldi. Ahyrynda ýere aýdýan ýaly bolup:

– Sorasa muňa suw berip duruň – diýdi-de, başyny aşak salyp, turup ugrady.

Ene iňleýärdi, käte it ýaly çyňsaýardy, dodagyny ýalaýardy, megerem, suw isleýän bolsa gerek, onda başga bir söz ýa hereket ýokdy. Oglanlaryň gözi onuň gabagyndady, ýöne gabagyny açmaýardy. Oglanlar näderini bilmediler.

Entek gala gelmänkäler, etekde oturýan wagtlarynda, aýallaryň arasynda bolan gürrüň Taganyň ýadynda gaýtalanyp başlady. Bu topraga ruslar gelip, bölek–bölek çaknyşyklar dörände, kimdir biriniň teninde ok galypdyr. Şol oky aýryp bolsa, onuň ölümden gutuljagyny aýdypdyrlar, ýöne oky aýryp biljek tebip tapylmandyr. Şonda bir aýal şeýle diýipdir: „Ömründe ärinden başga hiç kime mähir bilen seretmedik, ýedi çaga dogran aýal bolsa, ol ýaralynyň üstünden ätläp; oka „Çyk haram gülle!!!” diýip buýrarmyş, şonda ok adamyň teninden çykarmyş.” Adam tenindäki oka hökümini ýöredip biljek aýal bu galanyň içinde barmy? Eger bar bolsa, bu ýaralanlaryň, heý, birini halas edip bildimikä? Galada teninde ok galan adam näçe diýseň bar. Oglanyň muňa akyly çatmaýardy, sorara bolsa adam ýokdy, ýogsa galanyň içi adamdanam, ýaralydanam, ölüdenem doldy.

Ene huşuna gelmedi. Dirilikden nyşan, ondan iňňildi eşidilýärdi. Ertesi güni ol iňňildi hem kesildi-de, reňki garalyp başlady, günortana ýakyn dem almasy kesildi.

Merhumyň başujunda oturan molla birzatlar diýdi hem özüçe doga-töwir etdi.

– Ine, bende, dünýä azabyndan dyndy. Ol goragdanam azat, gabawdanam, indi oňa howp-hatar ýok, bendäniň jaýy Jennetden bolar – diýip, merhumyň ogullaryna göwünlik berdi – Alla halasa, siziň kakaňyzam, ejeňizem Jennetde bolarlar. Siz hossarlaryňyzy Jennetden taparsyňyz.

Ony şol durkunda egin-eşigi bilen Gylyç aganyň düşegi aýrylan öýüniň ýanyndaky meýitleriň gapdalyna eltip goýdular. Şu ýerde ýatanlaryň baryna şeýle diýlipdi: „Jaýy Jennetden bolar!” Molla aýtmyşlaýyn, bu dünýäniň azabyndan dynýanlar we Jaýy jennetden boljaklaryň sany gün-günden artyp barýardy, galanyň içinde şeýle meýit üýşmekleriniň on bäşisi emele geldi. Şol meýit üvşmeklerini göreniňde, öz diriligiňe içiňde geň galdyryjy duýgy oýanýan ýaly bolsa-da, batyrlar ölýärdiler, ejizler galýardylar. Olara tarap seretmek gaty agyrdy, hatda olaryň ýelesinden geçmegem ýakymsyzdy, her kim ondan sowlubrak, gyýa göz bilen seredip geçýärdi. Dirileriň Jennete höwesegi ýokdy, her niçik ýowuzam bolsa şu dirileriň arasynda ýaşamak islegi güýçlüdi. Olary bir gorky, belki-de, ýaşamaga bolan şol höwes okuň aşagyna barmazlykdan saklaýardy, şol gorky olary ölümden gaça durmaga mejbur etse-de, tüme girip ýatmaga mejbur etmeýärdi. Uruş diňe eli ýaraglylaryň gerdeninde däl, onuň hasratyny garrylardyr aýallar çekse, azabyny çagalar görýärdi. Tagan bilen Arslan we ondan kiçi ýaşyndakylar urşuň manysyna düşünip barmasalar-da, bolýan elhençlige şaýatdylar, olar gala düşen oklary – gurşun böleklerini çöpleýärdiler. Olaryň gözüniň alnynda, duşmanyň gyzgyn güllesinden etegini dolduran bir oglanjyk

çawup gelen okdan heläk boldy. Ululara bolşy ýaly, ajal çagalara-da rehim edenokdy, munuň näme bilen we asla haçan tamamlanjagyna akyl ýetirjek adam galada ýok bolara meňzeýärdi, olar diňe göreşmelidiler hem bir gudrata – duşmanyň yza çekilmegine garaşmalydylar.

Gala gözegçilik edýänleriň aýtmagyna görä, orslar häzir galanyň düýbüni deşýärdiler. „Duşman zabt edip, galany alyp bilmänsoň, onuň düýbünden deşip, içerden bir ýerden çykjak bolýarmyş” diýen gürrüň ýaýrady. „Biziňkiler muňa sak – diýip, Seýdek aga oglanlary rahatlandyrdy. – Mergenler kersen düňderip, ýeri diňleýärler, olaryň ýokary çykaýjak ýerinde garaşyp, aşakdan görneniň kellesini aljaklar.”

Oglanlar bir howsala bolsa, öz goňşulary Seýdek aganyň ýüzüne seredýärdiler. Ol ýaşuly hem öz deň-duşy bilen gürleşýän ýaly, oglanlara ýagdaýy düşündirýärdi.

Bu gezek ol gaty aladaly gürledi.

– Biziň kethudamyz saýylýan ýaşuly geçen gije öz maşgalasyny çagalary bilen galadan çykaryp ugradypdyr. Galadakylar duşmanyň öňüne döş gerip ölmeli, olar bolsa, hamana, tohumlyk galmalymyş. Bu köplükden diňe öz başynyň amanlygyny gorap gaçyp gidenden tohum bolmaz. Biläýiň şuny, ilini taşlap gaçandan tohum döremez – Seýdek aga başyny ýaýkaýardy.

Ýaşulynyň keýpsizligi oglanlara-da aralaşdy. Bolýan zatlardan halys lapy keç Taganyň şol derwezeden çykyp, jigisini-de yzyna tirkäp, üm-düzüne gidesi geldi. Taganyň göwnüne bolmasa, olar bir guma aralaşyp bilseler, yzlaryndan möjek baraýmasa, başga ýagy ýetip bilmejekdi, ýöne olar Seýdek aganyň aýdýanyny-da hasaba almalydylar, bir wagt ejesem şony aýdypdy, bulardan bölünip gitseň, soň bularlyk bolmarsyň. Oglanlaryň ejesi bularlyk bolup, şehitleriň arasynda ýatyrdy. Nähili-de bolsa, Tagan galadan çykyp gaçmak pikirini hyýalyndan aýryp bilmedi.

Ine, ol jigisi bilen barýarmyş, ýöne çöle däl-de, daga gaçypdyrlar. Olar uçudyň gyrasyndan barýarlar, ýol juda inçedi, aşakdaky gara jülgäniň bolsa düýbi görünmeýär. Taganyň aýagy taýýardy. Bir basjak ýerini aýagynyň burny bilen telim barlaýardy, her gezeginde-de aýagy ýer tutmaýardy. Örän haýal, ýöräp däl, gaýadan ýapyşyp öňe süýşýärdiler. Gara daşyň sowugy Taganyň elini-de, aýagyny-da ysmaza öwrüpdi, agyr gorky bilen howsala-da egniňdedi. Ol titreýärdi, damary çeken elleri bilen sowuk gaýany dyrnaçaklaýardy. Gara gaýa hallan atyp, olaryň üstüne güwläp gaýdarly görünýärdi. Ol şeýle bir ýadady, el-aýagy gurşup, ysgyn-deramaty gutarypdy, häzir güýçlüräk ýel öwüsse-de, ony gaýadan sypyryp aýyrjakdy, ýol bolsa gaýanyň biline oralyp, barha inçelýärdi.

Wadyrag-a! Şol gaýa olaryň depesinden güwläp gaýtmazmy! Tagan tisginip oýandy. Howsaladan gorkujyna jigisiniň egninden penjeledi-de: „Eje!“ diýip, gygyrjak boldy, demi çykmady. Elini galgatjak boldy, eli diýen etmedi. Jany göwresinden üzülere geldi. Şol pursatda-da, ol başyny dikläp bildi-de, güýjünde baryndan dyzandy. Şol güýç hem ony garabasma howpundan halas etdi...

Iki dogan alasarmyk hala biri-biriniň ýüzüne seredýärdiler, megerem, Arslan hem ýaramaz düýşe ýa bir ýakymsyz ýagdaýa oýanan bolarly.

Her güni ýyla dönen agyr günleriň aýylganç pursady gelip ýetdi; ýylan ýylynyň, rebi-us sani aýynyň ýigrimi üçi, duşenbe güni çäşgä wagty ägirt gümmürdi döredi. Tümden olaryň üstüne gum dökülýärdi, hakykatdanam ýer goduklaýan bolarly, emma munuň top okunyň zarbyna bolýanynam ýa Taňrynyň gazabyndan döreýäninem bilmediler. Taganyň başy aýlanýardy, ol tümden çykyp gaçmalymy ýa-da tümüň düýbüne bukulmaly diýip oýlandy.

– Näme boldy? – Iki göze öwrülen Arslan kesewi ýaly sowuk elleri bilen agasyna ýapyşdy.

Näme bolýanyna düşünmeýän Tagan: „Gaýa ýumrulýar...” diýip samyrdady-da, ägirt uly iki göze öwrülip, daş çykmak bilen boldy.

Galanyň içini ägirt güýçli gümmürdi hem tozan gurşapdy. Galanyň ileri tarapdaky gündogar bölegi sary bulut şekilli göge göterilipdir. Galanyň iň berk bölegi, mergenleriň jemlenen, batyrlaryň goraýan ýeri asmanda magallaklap, indi sary tozan bolup ýere inýärdi. Aşakda, galanyň ornunda gara çaň towlanýardy. Şol tarapdan atlaryň kişňeýän sesi, tüpeňleriň tarkyldysy hem adamlaryň dady-perýady eşidilýärdi.

Tagan haýal etmän tüme sümüldi-de, ol ýerde düýrülip oturam jigisini gujaklady, onuň iki çigninden tutdy-da, silterledi. Aşa sowukdan damarlary gatan el-aýagy hiç diýen etmeýärdi, gatap galandyr öýdülýän oglanjyk aýak üstüne galdy. Tagan onuň gulagyna gygyrdy.

– Gaçaly!

Olar tümden çykanlarynda, galanyň içinde goh–galmagal, ýarag sesleri, at kişňemesi, çagalaryň, aýallaryň eňreşigi – tutuş bir güwwüldi döredýärdi. Agasynyň „gaýa ýumrulýar“ diýip, galany göz öňünde tutup aýdanyna akyl ýetirjek ýaly, Arslan şol sary çaň göterilen tarapa aňalyp galdy. Töwerekdäki adamlary akyla sygmajak galagoplyk gurşady, elhençlikden nazaryňy sowmak kyndy. Tagan adam ölende, onuň ruhunyň asmana göterilýändigine ynanýardy. Ýumrulan galanyň hem ýokara galýandygyny görüp, şeýle bir geň galdyrdy welin, gala däl, içinden öz jany sogrulan ýaly, ne hereket edip, ne-de gepläp.

Ahyry olary bir zat, megerem, içindäki entek çykmadyk jany gyssady. Oglanlar ejeleriniň ýatan ýerine – Diňli depäniň etegindäki Gylyç aganyň daşynyň düşegi aýrylan öýüne tarap büküdikläp ylgap başladylar.

Bitertip gazylan döleler, tümler, süňňi çagşan öýler olara ylgamaga päsgel berýärdi. Gyzyl halylar, dürli geým-gejim, aýallaryň, atlaryň şaý-sepleri çaşyşyp ýatyrdy, adam janynyň arzysy bolmaýşy ýaly, zatda-da arzy-yzzat ýokdy. Oglanlar şu töwereklerde ylgap ok – gurşun böleklerini çöplänsoň, her daban ýere beletdi.

Olar ýakymsyz ysly meýit üýşmegine üns bermän geçdiler. Duşman soňky günler millete ölüsini ýygnamaga-da maý bermändi, depeden ýagyp duran otly gurşundan, galanyň hä o çüňkünden, hä bu çetinden edilýän soňsuz hüjümlerden baş galdyrar ýaly bolmandy, şonuň üçinem meýitleriň goýluşy tertipsizdi, Tagan bilen Arslanyň ejesiniň meýidi bireýýäm orta düşüpdi, onuň töweregi ýaş-garry, erkek-aýal jesetden doldy. Çagalar bu ýere birnäçe gezek gelipdiler, her şehit öz eşiginde ýatansoň, ejelerini göz çeni bilen tapýardylar, oňa tarap delmirip bakýardylar, emma ene gözüni ýumansoň, ýanynda ýatanlara biperwaý bolşy ýaly, gelip-gidýänlere-de, töwerekde gopýan goh–galmagala-da, öz çagalaryna-da parhsyzdy, indi onuň bu dünýä, töwerek-daş bilen dahyly ýokdy.

Tagan Gylyç aganyň öýüniň bärisinde durup möňňürip goýberdi. Jigisi agasyny ýeke goýmady. Şeýle bir çyrlaşdylar, bagyrlary eräp barýardy, ýöne töwerekdäkiler agy diňlärden başagaýdy, megerem, häzir agynyň wagty däl bolsa gerek.

Başga çäresi bolmadyk oglanjyk indi agasynyň aýagyna ýykylyp çyňsaýardy. Ol çaga däl, güjüjege, çäresiz, ejesi öldürilen, öz bokurdagyna-da pil bilen basylyp duran, hä diýmän tüýlüje başyndan jyda düşjek güjüge meňzeýärdi. Tagan jigisiniň horlanýanyny görse-de, özüni köşeşdirip bilenokdy, oturyp näme üçindir, ýer sermeýärdi, eline gum ilmese, başga tutaryk ýokdy. Gözýaşy gözüniň alnyny çal bulaşyklyga öwrüpdi. Dag tarapda atlar kişňeýärdiler, erkek adamlaryň haýbaty, bulary hem böwsüp çykýan aýaldyr-çagalaryň heýhady barha güýçlenip, golaý ýetip gelýän ýalydy. Howp Taganyň gulagyny gapyp, beýnisini sarsdyrdy.

Birwagt ilerden Sapar däli göründi. Ol hababaýlap, iki elini galgadyp, ýetişibildiginden birzatlar gygyrýardy. Onuň şeýdip aram-aram galany okkessirme geçäýmesi bardy, oňa üns beribem durmazdylar. „Däliniň başy belasyz” diýişleri ýaly, oňa ok-tyg hem kär etmän, galanyň kä o çetinde, kä bu çetinde görünýärdi.

Ol elini salgap barşyna:

– Gaýraky derwezä eň! Gaýraky derwezä eň!! Gaýraky derwezä eň!!! – diýip, batly gygyrýardy.

Ol hiç kime ýüzlenmän, hiç tarapa bakman, diňe gaýraky derwezä tarap elini salgaýardy. Sapar däliniň gan öýlen gözi gyzyl gözleri töweregini görmän, düwlen ýumrugyny galgadyp, şol bir diýenini gaýtalap barýardy.

– Gaýraky... Gaýraky derwezä eň!..

Tagan jigisini alyp, gaýraky derwezä ylgady. Ýöredigiçe özüni dürsedi, ýykylyp-sürüşýän jigisine dişini gyjap topuldy.

– Ýöre diýýän, nejis, ýöre!

Çaga düwdenekläp barýardy. Iki ätse, üçünjisini eli bilen emedekleýärdi. Olaryň gözýaşdan, tümüň topuryndan ýüzleri palçykdy. Tagan jigisine azgyrylýardy, ýeňsesinden itekleýärdi, goltugyndan südenekledip, öňe itberýärdi, emma elinden sypdyrarly däldi.

Galanyň birnäçe çykalgasy bolsa-da, Sapar däliniň aýdyşy ýaly, milletiň ümzügi gaýraky derwezä tarapdy. Şol derwezeden çykyp, adyrlygy kesip geçseň, özüňi çöle atmak mümkindi, muny aňşyran Tagan alňasady. Jigisi bolsa indi ylgap bilmän süýrenýärdi, tüýs bolmajagyna tutup, aýagy eline, eli hem aýagyna çolaşýardy. Jigisini süýräp diýen ýaly barýan Taganyň iki penjesiniň ysgyny gaçyp, eli diýen etmejek bolýardy.

– Nejis, ýöre!.. – Indi onuň sesi däl, dişiniň şakyrdysy eşidilýärdi.

Derwezäniň agzy hümerdi. Goýnuň agyldan urnup çykyşy ýaly bosgun ýöremän, göwresi bilen biri-birini itekläp, öňe süýşýärdi. Aýak astyna düşdügiň gutardygy: ýykylany galdyryp biljek ýa basman geçjek ýokdy. Jigisini elinden sypdyrsa, gaýdyp tapmajagyny aňan Tagan onuň iki goltugyndan girip, öňüne aldy.

Jigisi oňa beýle bir agram salmady. Gyslyşykda millet olary öňe südürläp barýardy.

Galadan çykylan ýerden giňişlik başlanyp, her kim bir ugra ylgaýardy. Ähli ugurlaram guma tarapdy.

– Kapyr!.. – diýip, gapdaldan bir aýal aýylganç gygyrdy. – Yzymyzdan kowýarlar!..

Gündogar tarapda üç atly gylyjyny dalawladyp, gaçyp barýanlaryň söbügine düşüpdi. Galany gabaýan soldatlara „Ýesir almaly däl” diýlen buýrugyň berleninden bihabar millet üşerilip, çugdamlanyp, gaçar ugruny bilmän, ters aýlanýardy hem ellerini galdyrýardylar.

Ýagynyň bolsa köhi gelýärdi, atlylar aýallary öňe goýberýärdiler-de, erkek adamlary gabaýardylar. Şirin janyny edil ýöne nagtja tabşyraýman, gaçyp gutulmakçy bolýanlar bardy. Käsi yza dolanyp söweşýärdi, ýöne duşman at üstünde bolansoň, oňa gylyç zarbasyny ýetirmek kyndy.

Taganyň atlylara-da, garpyşýanlara-da seretmäge mümkinçiligi ýokdy, gyssanjyna indi halys ýöräp bilmeýän jigisini ýanyn alyp süýreýärdi. At toýnagynyň güpürdisi töwereginde däl, edil depesinde ýaňlanýardy. Şol barmana Tagan entirekläp gitdi.

Bir alaça köýnekli aýal onuň jigisiniň çigninden tutdy. Çagany Tagana göterişip, üç bolup, ylgap başladylar. Aýal:

– Tizräk! Çaltrak! – diýip howlukdyrýardy.

Tagan indi ylgap bilýärdi, ökjesi ýeňildi, ýanynda güýçli howandaryň bolmagy ýüregine kuwwat beripdi, ýöne gum entek gaty uzakdady.

Aýalyň saçy çaşgyndy, aýagy-da ýalaňaçdy, ylgap barýan Tagan näme üçindir onuň jaýryk-jaýryk bolan ökjesine seredýärdi. Megerem, olaryň galan ömri şol aýaklaryň ylgawyna bagly bolsa gerek.

Olaryň edil ýeňsesinde biri çirkin gygyrdy. At kişňedi. Gygyranyň sesi inçe-de bolsa, erkek kişidigini şol aljyraňňylykda-da seljermek mümkindi. Bu çirkin ses olaryň aýagyny duşady, aljyradylar. Gaçmakdan geçen, duran ýerlerinde ters öwrülip, at üstündäki eli gylyçly ganhory hem al ganyny sarkdyryp, at toýnagynyň astynda düwdek bolup çabalanýan adamy gördüler.

Aýal Taganyň jigisini garbap goltugyna aldy-da, derrew ýüzüni büredi. Ambyr ýaly iki ele öwrülen Tagan bolsa onuň syýyndan ýapyşdy.

Aňyrda, gala tarapda derrendeler bosguny parçalaýardylar. Gum bilen gala aralygy şeýle bir uzakdy, bosgunlar oňa tarap ylgadyklaryça, hasratdan elheder alan çöl yza çekilýärdi. Aýal iki çagany süýreýärdi, aglaýardy hem Allany, Pygamberleri, ýadyna düşen öwlüýäleri çagyrýardy. Şu gezek, häzir, bu dady-perýatda aman galmagy, iň kyn mümkinçiligi Hudaýdan dileýärdi. Ýol önenokdy, ýagy-da galanokdy.

Olaryň duşundan geçen iki atly öňden gaçyp barýan oglanyň yzyna düşdüler. Ajal howlukdyrýardy. Daljygyp, demi demine etmedik aýal näderini bilmän elewredi hem iki ýana aýlandy. Onuň iki gözi ilerden özüne tarap sürüp gelýän soldatdady.

Aýal şol aljyrap durşuna birden gapdaldaky tamdyry gördi, millet gala bosaly bäri bu tamdyryň golaýyna gelinmedigi onuň durkundan bellidi. Aýal haýal etmän, çagalaryň ikisini-de goltugyndan göterip, tamdyra oklady-da, özi üstünde çökdi.

At aýagynyň güpürdisi tamdyryň daşynda ýeri sarsdyrýardy. Görgüli, gamçy iýýän bolsa gerek, düýrügip bir gapdala gyşaryp gidýärdi, emma tamdyryň üstünden düşmeýärdi. Garaňky tamdyryň içindäkilere Allany çagyryp, birwagtky galan küli gysymlap, takdyra ten berip garaşmakdan başga alaç galmady.

Ep-esli wagt geçensoň, olaryň depesi ýagtyldy. Tagan tamdyrdan başyny çykaranda, başy çaşan, ýüzi-gözi çişen bu aýaly tanamajak boldy. Ol bolsa:

– Gaç, guma gaç!.. – diýip, ýer bagyrtlap eňreýärdi.

Oglan jigisiniň elinden tutup, gaýralygyna eňdi.

Olar şeýle bir gaçdylar, özleriniň janyny gaýtaryp beren enäniň soňky nalyşyny ýerine saljak bolup, güýjünde baryndan ýortdular. Olaryň aýagy ýere ilmeýärdi, olar göýä aýaklyja peşmekdiler, ak takyryň üstünden gaýyp barýardylar.

Ahyry sary çägä aýaklary ýeteninde, badyny gowşatdylar.

Bir alaňy aşansoň, oglanlar bosgunyň uly böleginiň öňdedigini bildiler. Awaralar eňreýärdi hem ýene gaýra – gumuň içrägine çekilýärdiler. Ganojagyň hut özüniň atlylara baş bolup, bosgunlary on bäş çakryma çenli kowalajakdygyny bilýän ýaly, penahendeler eňreşip, gurbunyň çatdygyndan guma siňmäge çytraşýardylar.

Gana boýalan Gün ilerde, örän kesede görünýärdi, ýüzi tutukdy, onuň saralyp-öçüp endiräp durşy, şu gyn doganyna, bu elhençligi görenine elheder edýän ýalydy, kynlyk bilen aşak sallansa-da, hiç batyp bilmeýärdi, eger batyp bilse, gaýdyp dogmajaga meňzeýärdi.

Zemin biçäreleri ahyry kölegesine büräp başlady.

Gapdaldan çykýan aýylganç uwwuldy süňňüňi gagşadyp gelýärdi. Ol möjek uwwuldysy däldi, şagalyň sesem däl – naçar enäniňkidi. Çöküne düşüp, goşa ýumrugyny gütledip maňlaýyna urýan aýal:

– Hany meniňkiler? Nirede galdy olar? Bagtym ýatdy, düýäm çökdi. Waý, meniň gara bagtym!.. Gyrdylar, erkek ugruny gyrdylar. Garry-ýaşy, gundagdaky bäbegimi goýman gyrdylar... – diýip uwlaýardy. – Bagtym ýatdy! Bu çal başy men indi nädeýin?.. Tohumymy tüketdi, ýezitler. Ak bäbegimi gara läşe öwürdiler...

Iki oglan ol aýaldan kesä çekildi.

Beýleräkde bir aýal çagajygyň gulagyndan çekip:

– Sen Garaýusupsyň, unutma şuny, Kirli – diýip, öz tiresiniň adyny tutup sargaýardy. – Aryň köýendir seniň, aryň... Bil şuny! Şu gün seniň ýurduň tozandyr...

Gulagyndan çekilip sargalýan çaga gözüni mölerdip, gulagynyň awusyna döz gelip otyrdy.

Tagan akylyny çaşyryp aňk bolup durşuna, şol goralýan zady ýatlady. Eýsem millet ony gorap, galadan alyp çykdymyka? Şol goralýan arzyly zat şu adamlaryň arasynda barmyka ýa-da galada galdymy? Ol muny birinden soramak isleýän ýaly, jigisine seretdi. Taganyň göwnüne bolmasa, jigisiniň gözleri ulalan ýalydy hem bäbenegi ortada durman, gapdala gyşaran şekillidi.

Ýüzüne soragly seredilýändigini aňan çaga birden dil açdy.

– Ýör, şol aýaly – ejemizi tapaly!

Tagan şonda bu adamlaryň arasynda näme üçin bimany aýlanyp ýörendigine düşündi. Olar derrew beýleki kowçuma tarap ugradylar.

Hiç kimiň ýanyna golaýlaşar ýaly däldi, biriniň derdi beýlekisinden çökderdi.

Iki çaga aşagynda janyny halas eden şol alaça köýnekli, aýakýalaňaç, başynyň saçy çaşan aýaly gözleýärdiler. Olaryň ynanşyça ene dirileriň arasynda hökman bolaýmalydy.

Gözüniň ody alnan, ýüregi paralanan çagalar üçin, ölümden gutulmak entek dirilik däldi.

**1991.**